# Aýdym-sazymyz hakda oý-pikirler

Category: Aýdym-saz sungaty,Kitapcy,Nukdaýnazar,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Aýdym-sazymyz hakda oý-pikirler **Has Türkmeniñ Nukdaýnazar sahypasy üçin ýörite çykyşy**




Ýekşenbe, 13.08.2023 ý.
***(Arhiwden)***

Türkmen sazyny belentliklere çykaran beýik kompozitorlaryñ adyny agzamaly bolsa, onda olaryñ başyny Nury Halmämmedowdan başlap, Aşyr Kulyýew, Dañatar Öwezow, Çary we Weli Muhadowlar, Aman Agajykow, Çary Nurymow, Rejep Rejebow… ýaly onlarça belli kompozitorlarymyzda gutarsa bolar. Näme üçin «gutarsa bolar»?! Eýse, häzirki döwürde şol beýikler ýaly kompozitorlar barmy?! Bar bolanda, olara pul berip saz ýazdyrjak aýdymçy bir barmyka? «Jany sag bolsun» hindi, türk, özbek, pars rus, amerikan beýleki halklaryñ aýdymlarynyñ! Heniz öz ýurduna

ýaýrap ýetişmänkä, täze çykan daşary ýurt aýdymynyň türkmen «wersiýasy» çykýar. Saz üçin, aýdym üçin pul töläp çykdajy çykaryp azara galmaly däl.

Şübhesiz şonuň üçin, hernäçe gynansak-da, türkmen aýdym-saz sungatynyň ata-babalarymyzdan galan dutar-gyjakda, gopuzdyr tüýdükde ýerine ýetirilýän ugruny nazara almanymyzda, köplenç estrada ugrunda il ýüzüne-de, dünýä ýüzüne-de tutarlyk aýdym-sazymyz ýok diýen ýaly. Sesi ses ýerinde zehinli aýdymçylar ýoksuzam däl. Emma olaryň hem köpüsiniň sowat derejesi pes we aýdym-saz sungatynyň taryhyndan, teoriýasyndan düýbünden diýen diýen ýaly bihabar. Türkmen estradasyna siňek kimin üýşen sansyz-sajaksyz «aýdymçylar» (olara bagşy diýip bolarmyka?) eýýäm 30 ýyldan gowrak, hatda 40 ýyla golaý wagt bäri daşary ýurt aýdymlarynyň sazyna ýanap aýdýan çala başy gowşan we «gelsene gyz gelseneden», «söýýän-köýýänden» başga sözi bolmadyk ýuwan sanawaçlary bilen aýdym-saz diňleýjileriň aňyny lerzana getirip gelýärler. Olar diňe bir daşary ýurt aýdymlarynyň sazyny «ogurlamak» bilen çäklenmän, indi biri-birileriniň aýdymlaryny hem, sözleriniň käbir ýerlerini (meselem, aýdymdaky ady tutulýan gyz adyny) üýtgedişdirip aýdyp ýörler. Sansyz-sajaksyz aýdymçylardan we aýdymlardan ýaňa bolsa, çar ýanymyz hyň berýär. Öňem biriniň aýdyşy ýaly «iti ursaň aýdymçy syçýar».

Aýdymçy sany näçe köpelse, olary hasaba alýan, gözegçilik edýän degişli edaralaryň gaznasynyň galňaýandygyny biz bilýäris. Emma munuň türkmen aýdym-saz sungatynyň ösüşine hiç hili peýdasynyň ýokdugyna, gaýtam onuň köküne palta urýandygyna we ertirki ösüşine atanak çekýändigine, has beteri-de dünýä derejesine çykmaly halymyza ile çykara ýüz-hatyra goýmaýandygyna, tersine, halkyň aňynda öz milli sungatymyzyň özgeleriň aýdym-sazyny gaýtalaýan öýkünmeden başga zat däldigi hakyndaky göwnüýetmezçilikli düşünje döredýändigine düşünmäge, şol degişli ýerlerde oturan kisesi galyňlara ýene näçe wagt gerek bolarka?!.. Nukdaýnazar